# Uruş we parahatçylyk

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Uruş we parahatçylyk URUŞ we PARAHATÇYLYK




*Her gün görýän bu epizodlarymyzyň biri-de Netanýahunyň dowzah oduny sowurýan maşynyny bir sagatlygam bolsa togtatmaga ýaramady*
*Surat: Jeýms Fergýuson / FT*

Gazada uruşyň başlanan wagtyndan şu güne çenli bulutly bir ýyl geçdi. Emma şu wagt buludy içinde frontlar Ortaýer deňzinden Gyzyl deňize çenli giňelip, ABŞ we Birleşen Korollyk ýaly uly ýurtlary-da öz içine alyp biljek müňlerçe ölüme we ýaralanmalara getirdi. Ýüz müňlerçe adamy ýerinden gozgady, gurakçylygy we ýokanç keselleri ýaýdy.

Haçandygyny anyk bilmeýän senämdäki ilkinji uruşyň turmagyndan bäri hiç zat üýtgemedi:

Bir uçgun uruş oduny tutaşdyryp bilýän ýerinde parahatçylygy üpjün etmek mümkin däl. Adamlary uruşa itermekden añsat zat ýok. Çünki hiç kim olardan bu boýunça näme pikir edýändiklerini soramaýar. Bardy-geldi soranam bolsa, gözlük üçin sorandyr.

Üç aýlap Gaza gije-gündiziň dowamynda 24 sagatlap ýer bilen

ýegsan edildi we dünýäniñ tamamy jem bolup bäş günden köp atyşygy bes etdirip bilmedi. Her gün görýän bu epizodlarymyzyñ biri-de Netanýahunyñ dowzah oduny paýradýan maşynyny bir sagatlygam bolsa togtatmaga ýaramady.




Uruşlaryñ bolgusyzlygyna düşünmek üçin Tolstoýyñ ölmez-ýitmez epopeýasy «Uruş we parahatçylygy» ýa-da Boris Pasternagyñ ajaýyp eseri «Doktor Žiwagony» okamaly.
Munuñ özi uruşlar hakdaky çeper eserleri ilkinji bolup rus ýazyjylarynyñ ýazandygyny añlatmaýar.
Uruş hakdaky eserleriñ başyny gresiýaly Gomer «Iliada» poemasy

bilen başlapdy we her halkyñ öz gahrymançylygy we ýeñlişleri hakdaky şahyrana beýany bar.
Her eseriñ gahrymany, rysary, Antary we Ablasy bar. Emma ähli eserlerde we elegiýalarda beýleki wepat bolanlaryñ atlary agzalmaýar.
Ikinji jahan uruşynda 15 million esgeriñ we 40 million raýatyñ ömür tanapy üzüldi. Bu ölüleriñ atlaryndan näçesini ýatdan bilýäris? Ýöne hemmämiz munuñ adamzat taryhyndaky iñ ölümli uruş bolandygyny ýatdan çykaramzok.


Ahyrsoñunda-da atom bombasy ýaly bir zat kinofilme öwrülýär, baýrak alýar, kinozallaryň öňi tomaşaçy nobatyndan dolýar.
Elbetde, Oppenhaýmer bilen gülgüne «Barbi» çaga filmleriniň arasynda üstün çykan köpçülikleýin gyryş ýaragynyň önümçiligini dowam etmegi makul bilen alymyň filmi bolýar.
Dünýä indi näme ederkä?
Netanyahuny köşeşdirmäge synanyşdyrar we şindizden Netanýahu köşeşýänçe-de Gazadan derek galmaz. Üstünde ýaraşyk şertnamasy baglaşylan haraba galar.
Şol ikirarada uruşyň täsirleri Müsüre, Liwana, Suweýş kanalyna, Iordaniýa, Günbatar Şeriýa çenli ýaýrap gidip otyr.
Gaza uruşy bize rus uruşynyň bir pursadam durman dowam edýändigini, Ukraina bilen ýaraşyk şertnamasyny doly diýen ýaly mümkin däldigini ýatdan çykartdy. Ol ýerdäki ýitgileriň sany Gazadakydan esseme-esse köp.
Şeýle sözbaşyny, ýagny «Uruş we parahatçylyk» adybilen ýene bir romana garaşýarys.
Semir ATAULLAH,
Liwanly žurnalist.

Anna, 02.02.2024 ý. Publisistika